# Rehm edewer, eziz Allam!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Rehm edewer, eziz Allam! REHM EDEWER, EZIZ ALLAM

Ýoklugymda bar eden Sen,
Rehm edewer, eziz Allam!
Jümle älem ýaradan Sen,
Rehm edewer, eziz Allam!

Erkimde her, sözlän sözüm,
Ten-bedenim, aňym, gözüm,
Jan amanat, ruhda özüm,
Rehm edewer, eziz Allam!

Ham-hyýalda gaýga galdym,
Iç dünýämden jogap aldym,
Umydym bar, ýada saldym,
Rehm edewer, eziz Allam!

Synagdyr bu, geler-geçer,
Ýanan çyrag bir gün öçer,
Ten toprakdyr, ruh – guş uçar,
Rehm edewer, eziz Allam!

Döwlet gelsin, ryskly halda,
Gözgyn edip, goýma ýolda,
Sabyr berip, Özüň golda,
Rehm edewer, eziz Allam!

Kanagatym berip başdan,
Aýyrmawer akyl-huşdan,
Sowatmawer elim işden,
Rehm edewer, eziz Allam!

Azaşdyrma dogry ýoldan,
Daşlaşdyrma ulus-ilden,
Daş edewer, ýaman pälden,

Rehm edewer, eziz Allam!

Bu dünýäniň şöhrat-şany,
Abraýy bezär ynsany,
Sanalanda sogap sany,
Rehm edewer, eziz Allam!

Nebs ýoluksa gözler doýmaz,
Aňmaz, duýmaz, soňun saýmaz,
Köňül küýsär, rahat goýmaz,
Rehm edewer, eziz Allam!

Dat, dyndar dertli-horlukdan,
Gorawer sütem–zorlukdan,
Eçilip bize barlykdan,
Rehm edewer, eziz Allam!

Bulaşdyrdym sämän seri,
Günäm bardyr öteweri,
Özüň dada ýeteweri,
Rehm edewer, eziz allam!

Haraý gözläp sende gözüm,
Bet işlerden sakla Özüň,
Ahyr-soňy sende çözüm,
Rehm edewer, eziz Allam!

Eýäm Sensiň, kalbym dokdur,
Senden özge penam ýokdur,
«Inen ol dört kitap hakdyr»,
Rehm edewer, eziz Allam!

Ilmämmediň ýok gümany,
Wagty dolsa, çykar jany,
Abat eýle «o dünýämi»,
(Özüň ýalkap, ber imany),
Rehm edewer, eziz Allam! Goşgular